# Aýdylmadyk aýdym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Aýdylmadyk aýdym AÝDYLMADYK AÝDYM




Ýadyňa düşýämi: mermer şäheriň
Ilersinde äpet ýaşyl baýdagyň
Säher çagy şuglasyna Güneşiň
Berkarar watanyň bagtly halkyna
Gözüň gamaşdyryp pasyrdap durşy…
Oňat ýadyňa sal, şol ýaşyl tugy
Birden gözüm ýumlup, ölmeli bolsam
Eger eliňden gelse sowan meýdimi
Şol tuguň astynda depin et, dostum…
Çünki hemmeleriň sag gapdalyna
Kybla ýüzün dikip ýeriň astynda
Ýatan gabrystany dar bolar maňa
Bilýän, öňi-soňy bu ýalançyda
Şu garyp günümi bulajak bolup
Elime-aýagma çolaşanlar ýene-de
Ol ýerde Hudaýyň melekleriniň
Ujypsyzja sogaplarmyň deregne
Dagdan agyr günälermi bagyşlap
Ýagtyltjak bolsalar tüm lahatymy

Betpygylly, itýürekli pidullar
Çydam edip bilmän endik edinen
Häsiýetleri bilen ala-goh edip
Hem ýeñseden urlan otly gürziniñ
Yzasyn özgeden çykarjak bolup
Bilseler-de başa barmajagyny
Sagdan-çepden diwaryndan gabrymyñ
Gara köýük bolan pis elleriniñ
Eti akyp, süñki şatyrdap ýanýan
Otly barmaklaryn sokar durarlar.
Ýyrym-ýyrtyk bolup eleşan halda
Owaldanam bärde saralyp giden
Ot-ýalyna çirkizilip ýüzünden
Sypyrlyp aýrylan utanç perdesin
Göz ýetirip, toba-puşeýman bilen
Duýsalar-da gaýdyp berilmejegni
Ýamanlan bolarlar Müñkür-Nekire…
Mazarymam daşda bolsun şolardan
Görmek üçin Biribaryñ jemalyn
Panynyñ manysyz ömründen soñra
Magşar gününe çen goşum ýazdyryp
Birsellem ýassanyp ýatjak ýerime
Mynasyp däl olar goñşy bolmaga…
Hem gül ekme tümmegimiñ daşyna
Ýazmagyn üstüme mermerden ýazgy
Şonsuzam sen maña iñ golaý ynsan.
Ýöne dag goçunyñ buýnuz şahyny
Başujuma dikäý,
(dikip oñarsañ).
Goý, ol buýnuz ýoldan öten-geçene
Birmahallar söýgimiziñ möwç alyp
Şol tug deýin parlap mawy asmanda
Soñam matam güni aşak düşürlip
Gyrasyna gara mata dañylan
Kyssasyny gürrüñ bersin, çekinmän…
Goý, ol buýnuz adamlaryñ kalbynda
Turan daglarynyñ simwoly bolup
Goýup giden mirasyna buýsanyp
Astynda diñşirgäp ýatan bir goçuñ
Ýañlandyrsyn aýtman giden aýdymyn…
Şol gamgyn owaza ses goşýan ýaly

Ýaşyl tug depämde kyýamata çen
Parlasyn dursun!..
Surat: Salwador Dali. Goşgular